# OZON GATLAGYNY GORAMAK HAKYNDA WENA KONWENSIÝASYNYŇ OZON GATLAGYNY DARGADYJY MADDALAR BOÝUNÇA MONREAL TESWIRNAMASY

Ozon gatlagyny goramak boýunça Wena konwensiýasynyň çäklerinde ozon gatlagyny dargadyjy maddalardan peýdalanmaga degişli anyk çäreleri kesgitlemek maksady bilen, ýörite Teswirnama işlenip taýýarlandy.

1987-nji ýylyň 16-njy sentýabrynda Kanadanyň Monreal şäherinde Ozon gatlagyny dargadyjy maddalar boýunça Monreal Teswirnamasyna gol çekildi.

“Ozon gatlagyny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda häzirki wagtda ozon gatlagyny dargadyjy maddalaryň peýdalanalyşyny tapgyrlaýyn ýatyrmak we olary alternatiw maddalar bilen çalyşmak boýunça işleriň ýerine ýetirilmegine jogapkär esasy döwlet edarasy Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligidir.

## TARYHY:

Ozon gatlagyny dargadyjy maddalar boýunça Monreal Teswirnamasy 1987-nji ýylyň 16-njy sentýabrynda dünýäniň 46 sany döwleti tarapyndan gol çekildi we 1989-njy ýylyň 1-njy ýanwarynda güýje girdi. 1994-nji ýyldan bäri her ýylyň 16-njy sentýabry Ozon gatlagyny goramagyň halkara güni hökmünde bellenip geçilýär.

Monreal Teswirnamasy Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 3-nji awgustyndaky 1424 belgili Kararyna laýyklykda Türkmenistan tarapyndan tassyklandy.

Ilkibaşda Monreal Teswirnamasy ozon gatlagyny dargadyjy maddalaryň önümçiliginiň azaldylmagyny göz öňünde tutýardy. Emma bu Teswirnamanyň soňra kabul edilen London, Kopengagen, Pekin we Kigali düzedişlerinde düzgünleşdirilýän maddalaryň sany köpeldildi we käbir ozon dargadyjy maddalaryň önümçiligini we peýdalanylyşyny ýatyrmaklygyň möhletleri kesgitlendi.

**ESASY MAKSADY:**

Monreal Teswirnamasynyň esasy maksady ozon gatlagyny dargadyjy maddalary (freonlary) önümçilikden we peýdalanmakdan çykarmagyň jikme-jik meýilnamasyny işläp taýýarlamakdan we durmuşa geçirmekden, şeýle hem ozon gatlagyny dargadyjy maddalaryň öndürilişine, eksportyna we importyna gözegçilik etmek boýunça çäreleri düzgünleşdirmekden ybarat.

**MONREAL TESWIRNAMANYŇ ÇÄKLERINDE KABUL EDILEN DÜZEDIŞLER:**

Ozon gatlagyny dargadyjy maddalar boýunça Monreal teswirnamasyna häzirki wagta çenli bäş sany düzedişler, ýagny London, Kopengagen, Monreal, Pekin we Kigali düzedişleri kabul edildi.

Türkmenistan Monreal teswirnamasynyň ähli düzedişlerine, ýagny London düzedişine 1993-nji ýylyň 3-nji awgustynda, Kopengagen, Monreal we Pekin düzedişlerine 2008-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda, Kigali düzedişine 2020-nji ýylyň 22-nji awgustynda goşuldy.

**London düzedişi:**

London düzedişi Monreal teswirnamasyna gatnaşyjy döwletleriň 1990-njy ýylyň 27–29-njy iýuny aralygynda London şäherinde geçirilen 2-nji maslahatynyň karary bilen kabul edildi.

London düzedişine laýyklykda, ozon gatlagyny dargadyjy maddalaryň sanawyna birnäçe täze hlorftoruglerodlar, şeýle hem metilhloroform we uglerod tetrahloridi goşuldy.

**Kopengagen düzedişi:**

Kopengagen düzedişi Monreal teswirnamasyna gatnaşyjy döwletleriň 1992-njy ýylyň 23–25-nji noýabry aralygynda Daniýanyň Kopengagen şäherinde geçirilen 4-nji maslahatynyň karary bilen kabul edildi we 2023-nji ýylyň sentýabr aýy ýagdaýyna Monreal Teswirnamasyna gatnaşyjy döwletleriň 197-siniň ählisi tarapyndan tassyklandy.

Düzedişe laýyklykda, 2030-njy ýyla çenli (Teswirnamanyň 5-nji maddasyna girýän taraplar üçin 2040-njy ýyla çenli) gidrohlorftoruglerodyň önümçiligini ýatyrmaklyk bellenildi.

Mundan başga-da, metilbromid Monreal Teswirnamasynyň çäklerinde düzgünleşdirilýän maddalaryň sanawyna goşuldy. Düzedişe laýyklykda bu himiki maddanyň peýdalanylýan mukdary

1995-njy ýyldakydan, şol sanda Teswirnamanyň 5-nji maddasyna girýän döwletler üçin 2002-nji ýyldakydan artdyrmaklyk gadagan edildi.

**Monreal düzedişi**

Monreal düzedişi Monreal teswirnamasyna gatnaşyjy döwletleriň 1997-nji ýylyň 15–17-nji dekabry aralygynda Monreal şäherinde geçirilen 9-njy maslahatynyň karary bilen kabul edildi hem-de 2023-nji ýylyň noýabr aýy ýagdaýyna görä Monreal Teswirnamasyna gatnaşyjy döwletleriň 197-siniň ählisi tarapyndan tassyklandy.

Bu düzediş bilen ozon gatlagyny dargadyjy maddalaryň importyny we eksportyny ygtyýarlandyrmagyň we kwotalary girizmegiň bütindünýä ulgamy döredildi.

Monreal düzedişleri metil bromidiň önümçiligini tapgyrlaýyn ýatyrmagyň meýilnamasyna düzedişleri girizýär hem-de bu maddanyň Kopengagen düzedişini tassyklamadyk ýurtlara eksport edilmeginiň we import edilmeginiň gadagan edilmegini girizýär.

**Pekin düzedişi**

Pekin düzedişi Monreal teswirnamasyna gatnaşyjy döwletleriň 1999-njy ýylyň 29-njy noýabry – 3-nji dekabry aralygynda Hytaý Halk Respublikasynyň Pekin şäherinde geçirilen 11-nji maslahatynyň karary bilen kabul edildi we 2023-nji ýylyň noýabr aýy ýagdaýyna Monreal Teswirnamasyna gatnaşyjy döwletleriň 197-siniň ählisi tarapyndan tassyklandy.

Pekin düzedişi bu düzedişi tassyklamadyk ýurtlar bilen ozon gatlagyny dargadyjy maddalaryň söwdasyny etmekligi gadagan edýär hem-de 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan bromhlormetanyň önümçiligini we peýdalanylmagyny gadagan edýär. Mundan başga-da, gidrohlorftoruglerodyň önümçiligini Teswirnamanyň 2-nji maddasyna girýän döwletler üçin 2004-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky derejesinden, şeýle hem Teswirnamanyň 5-nji maddasyna girýän

döwletler üçin 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky derejesinden ýokarlandyrmaklygy gadagan edýär.

**Kigali düzedişi**

Kigali düzedişi Monreal teswirnamasyna gatnaşyjy döwletleriň 2016-njy ýylyň 10-15-nji oktýabry aralygynda Ruandanyň Kigali şäherinde geçirilen 28-nji maslahatynyň karary bilen kabul edildi we 2025-nji ýylyň iýun aýy ýagdaýyna Monreal Teswirnamasyna gatnaşyjy döwletleriň 163-si tarapyndan tassyklandy.

Kigali düzedişi gidroftoruglerodlaryň önümçiligini we peýdalanylşyny tapgyrlaýyn azaltmaklygy göz öňünde tutýar. Düzedişe laýyklykda Monreal teswirnamasynyň Taraplary 2040-njy ýylyň ahyryna çenli gidroftoruglerodlaryň peýdalanylyşyny tapgyrlaýyn esasda 80-85 göterim azaltmaga borçlanýarlar.

Kigali düzedişi bilen Monreal Teswirnamasyna gidroftoruglerodlary öz içine alýan “F” goşundysy goşuldy.

Mundan başga-da, düzedişe laýyklykda gidroftoruglerodlaryň peýdalanylşyny azaltmak üçin 4 sany aýry topar üçin aýry-aýry möhletleri kesgitleýär (2 sany ösen döwletleriň topary, 2 sanysy hem ösüp barýan döwletleriň topary).

Ozon gatlagyny dargadyjy maddalaryň öndürilişini we peýdalanylyşyny tapgyrlaýyn bes etmeklige gönükdirilen Monreal teswirnamasyndan we onuň öňki düzedişlerinden tapawutlylykda Kigali düzedişi täze maksady – howanyň üýtgemegine täsir edýän maddalaryň ulanylyşyny azaltmaklygy göz öňünde tutýar.

**MONREAL TESWIRNAMANY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇNAMALARY:**

- Her bir Tarap ozon gatlagyny dargadyjy maddalaryň öndürilişi, eksporty we importy boýunça Konwensiýanyň sekretariatyna statistik maglumatlary bermek.
- Monreal Teswirnamasynyň 1-nji maddasynyň 5-nji bendine laýyklykda, düzgünleşdirilýän ozon gatlagyny dargadyjy maddalary ýok etmeklik üçin peýdalanylýan tehnologiýalar Monreal Teswirnamasyna gatnaşyjy döwletler tarapyndan tassyklanmaly.
- Ozon gatlagyny dargadyjy maddalaryň öndürilişine we peýdalanylyşyna gözegçilik etmek hem-de olary kem-kemden ulanyşdan çykarmak arkaly ozon gatlagynyň dargamagyndan adamyň saglygyny we daşky gurşawy goramaklyga ýardam etmek.